**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2026-njy ýylyň** 25-nji martynda
**çykaran** I755-nji **karary bilen**
**tassyklandy**

# Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmeginiň TERTIBI

## I bap. Umumy düzgünler

1. Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmeginiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Elektron hökümet hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran 135-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakynda Düzgünnama we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlandy.

Şu Tertip Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmegi bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) elektron maglumat ulgamy (mundan beýläk – maglumat ulgamy) – elektron maglumatlary döretmek, işläp taýýarlamak, ibermek, bermek, almak, saklamak, peýdalanmak, goramak, täzelemek, gözlemek, ýygnamak, ýaýratmak, gabamak we ýok etmek üçin ulanylýan enjamlaryň, programma, programma-enjamlaýyn serişdeleriň, usullaryň we iş amallarynyň jemi;

2) elektron resminama – maglumat tehnologiýalary esasynda elektron görnüşde taýýarlanan, özündäki habar elektron maglumat görnüşinde bellenen, elektron maglumat göterijide elektron sanly şekilde berlen, mazmunly we elektron sanly gol arkaly hakykylygy tassyklanan resminama;

3) elektron sanly gol – elektron sanly goluň şahsy açaryndan peýdalanyp, deslapky maglumatlary belli bir kriptografik özgertmegiň netijesinde alnan we elektron sanly goluň açyk açaryndan peýdalanylanda, şol maglumatlaryň degişliligini, hakykylygyny hem-de bitewüligini tassyklamaga mümkinçilik berýän, elektron resminamanyň rekwiziti bolup durýan elektron sanly nyşanlaryň yzygiderliligi;

4) elektron sanly goluň şahsy açary – elektron sanly goluň serişdelerinden peýdalanylyp, elektron sanly goly döretmek üçin niýetlenen elektron sanly nyşanlaryň yzygiderliligi bolup durýan, elektron sanly goly döretmegiň kriptografik algoritminiň diňe gol çekýän şahsa mälim we elýeterli ölçegleri;

5) pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň elektron sanly golunyň şahsy açarynyň eýesi – elektron sanly goluň açaryna eýelik edýän ýuridik şahs;

6) elektron sanly goluň açyk açary – elektron sanly goly döretmegiň kriptografik algoritminiň elektron sanly nyşanlaryň yzygiderliligi bolup durýan, elektron sanly goluň belli bir şahsy açaryna laýyk gelýän, ähli gyzyklanýan şahslar üçin elýeterli we elektron resminamadaky elektron sanly goluň hakykylygyny tassyklamak üçin niýetlenen ölçegleri;

7) howpsuzlyk serweriniň elektron sanly goluň açyk açary üçin bellige alyş şahadatnamasy (sertifikaty) (mundan beýläk – elektron sanly goluň sertifikaty) – elektron sanly goluň hakykylygyny barlamak we elektron sanly goluň eýesini barabarlamak üçin Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan berilýän sertifikat;

8) howpsuzlyk serweriniň autentifikasiýa sertifikaty (mundan beýläk – autentifikasiýa sertifikaty) – howpsuzlyk serwerleriniň arasynda ynamdar birikmeleri ýola goýmak üçin ulanylýan, şeýle hem howpsuzlyk serweriniň hakykylygyny tassyklamak üçin niýetlenen, Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan berlen sertifikat;

9) howpsuzlyk serweri – şu Tertipde görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýän, Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamyna gatnaşyjylaryň maglumat ulgamlaryny özara utgaşdyrmak üçin ulanylýan ýörite programma üpjünçiligi;

10) kiberhowpsuzlyk – kiber giňişliginiň düzümine degişli ähli bölekleriň iň ýokary derejede ýaramaz netijelere getirip biljek howplardan we täsirlerden goralmagyny üpjün etmek şertleriniň jemi;

11) kiberhowpsuzlyk hadysasy (mundan beýläk – kiberhadysa) – elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň, tehnologik işleri dolandyryş ulgamlarynyň howpsuzlygyna howp salýan, şeýle ulgamlaryň işleýşiniň düzgünleýin tertibiniň bozulmak ähtimallygyny döredýän, şol sanda ulgamyň işiniň bozulmagyna we (ýa-da) bökdelmegine we (ýa-da) onuň çeşmeleriniň ygtyýarsyz dolandyrylmagyna getirýän, (tebigy, tehniki, tehnologik, galp häsiýetli, şol sanda adam faktorynyň täsiri astynda ýüze çykan) we (ýa-da) mümkin bolan kiberhüjümiň alamatlaryna eýe bolan waka ýa-da tötänleýin häsiýetli wakalaryň toplumy;

12) kriptografik serişdeler – bu maglumaty kriptografik algoritmleri we açarlary ulanyp özgertmek arkaly goramak üçin ulanylýan enjam we (ýa-da) programma üpjünçiliginiň gurallary;

13) log-ýazgylary – serweriň ýa-da kompýuteriň işi baradaky maglumaty saklaýan ýazgy bolup, oňa ulanyjynyň ýa-da programma üpjünçiliginiň hereketleriniň ýazgylary girizilýär;

14) monitoring merkezi – howpsuzlyk serwerleriniň ýagdaýyna yzygiderli syn edýän we Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň statistikasyny jemleýän programma üpjünçiligi;

15) pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamy (mundan beýläk – PEMU) – ähli döwlet edaralarynyň awtomatlaşdyrylan elektron maglumat binýatlar ulgamynyň ýeke-täk bir bitewi awtomatlaşdyrylan elektron maglumatlar binýatlar ulgamynyň gurşawyna birikmegini üpjün edýän ulgam;

16) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi – PEMU-nyň operatory tarapyndan dolandyrylýar we gatnaşyjylarynyň maglumat ulgamlary üçin howpsuzlyk

serwerleriniň elektron sanly goluň açyk açary üçin autentifikasiýa sertifikatyny we howpsuzlyk serweriniň elektron sanly goluň açyk açary üçin elektron sanly goluň sertifikatyny döretmek we üpjün etmek boýunça işi amala aşyrýar;

17) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň interfeýsi – PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň hyzmatlaryny dolandyrmak üçin niýetlenen web-interfeýs;

18) PEMU-a birikmek – PEMU-a gatnaşyjynyň howpsuzlyk serweriniň hasaba alynmagy;

19) PEMU-nyň operatory – PEMU-ny işe girizmek we onuň kadaly işlemegini üpjün etmek maksady bilen, PEMU-a gatnaşyjylaryň işini utgaşdyrmak babatynda şu Tertipde görkezilen wezipeleri we ygtyýarlyklary amala aşyrýan Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministirliginiň «Türkmentelekom» elektrik aragatnaşyk kompaniýasy;

20) PEMU-a gatnaşyjynyň maglumat ulgamynyň adapteri (mundan beýläk – maglumat ulgamynyň adapteri) – hyzmat ýerine ýetirilende, özara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak üçin PEMU-nyň üsti bilen geçirilýän maglumat talapnamalarynyň PEMU-a gatnaşyjynyň maglumat ulgamynda talap edilýän degişli formatyna öwürýän programma üpjünçiligi;

21) PEMU-a gatnaşyjy:

a) üpjün ediji – bir gatnaşyjy tarapyndan beýleki gatnaşyja PEMU-nyň üsti bilen sanly hyzmatlary berýän tarap;

b) peýdalanyjy – PEMU-nyň üsti bilen berilýän sanly hyzmatlardan peýdalanýan tarap;

22) PEMU-nyň standart interfeýsi – maglumat ulgamynda ýa-da enjamda dürli komponentleriň arasynda utgaşyklylygy we özara işleýşini üpjün edýän resmi standarta esaslanýan birleşdirilen tehniki, programma üpjünçiligi we dizaýn gurallarynyň toplumy;

23) PEMU-nyň sanly hyzmaty – PEMU-nyň üsti bilen elektron resminamalary alyş-çalyş etmek üçin PEMU-a gatnaşyjylar tarapyndan edilýän hyzmat;

24) ýüz tutujy – şu Tertibe laýyklykda Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamyna elektron maglumat ulgamyny birikdirmek üçin Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatoryna ýüzlenen, maglumat ulgamynyň eýesiniň ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan döwlet edarasy;

25) ýerli monitoring merkezi – PEMU-a gatnaşyjy tarapyndan dolandyrylýan howpsuzlyk serwerleriniň ýagdaýyny yzarlaýan hem-de PEMU-a gatnaşyjynyň maglumat ulgamyny ulanmagyň statistikasyny jemleýän programma üpjünçiligi.

3. Şu Tertibiň maksatlary üçin ulanylýan beýleki düşünjeler Türkmenistanyň kanunçylygynda görkezilen manylarda ulanylýar.

4. PEMU-a gatnaşyjylaryň arasynda (özara) elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň hereket etmegi, şol sanda aly-çalyş edilýän elektron resminamalaryň sanawy olar tarapyndan baglaşylýan Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşyk (mundan beýläk – Birkysmy ylalaşyk) bilen kesgitlenýär.

PEMU-a gatnaşyjylaryň maglumat ulgamlary we howpsuzlyk serwerleri PEMU-a gatnaşyjylaryň Sanawynda (mundan beýläk – Sanaw) PEMU-nyň operatory tarapyndan hasaba alynýar.

5. Şu Tertibiň hereketi döwlet syrlaryny öz içine alýan maglumat ulgamlaryna degişli däldir.

6. Elektron döwlet hyzmatlaryny ýerine ýetirýän döwlet edaralary PEMU-nyň üsti bilen beýleki döwlet edaralarynyň maglumat ulgamlary arkaly elektron resminamalary alyşmagyň mümkinçiligini üpjün etmäge borçludyrlar.

7. PEMU-da kriptografik serişdeler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ulanylýar.

## II bap. PEMU-nyň operatorynyň we PEMU-a gatnaşyjylaryň ygtyýarlyklary

8. PEMU-nyň operatory:

1) PEMU-a gatnaşyjylary, şol sanda olaryň maglumat ulgamlaryny we howpsuzlyk serwerlerini hasaba alýar, hasabyň ýöredilişine yzygiderli gözegçilik edýär;

2) PEMU-a maglumat ulgamlarynyň birikdirilmeginiň guralmagyny we utgaşdyrylmagyny üpjün edýär;

3) Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň operatory bilen Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnama (mundan beýläk – Birkysmy şertnama) baglaşmak arkaly guramaçylyk derejesinde maglumat ulgamlarynyň özara sazlaşyklylygynyň üpjün edilmegini utgaşdyrýar;

4) elektron resminamalary alyşmagyň standartlary, ýöriteleşmeleri we protokollary barada maglumat bermek arkaly tehniki-tehnologik derejede maglumat ulgamlarynyň özara sazlaşyklylygynyň üpjün edilmegini, maglumat ulgamlarynyň adapterleriniň işlenip taýýarlanyşyna we ulanylyşyna bildirilýän talaplary işläp taýýarlaýar;

5) PEMU-nyň merkezi düzüm böleklerini öz serişdelerinde ýerleşdirýär, olaryň tehniki goldawyny we bökdençsiz işlemegini üpjün edýär;

6) PEMU bilen baglanyşykly meseleler boýunça PEMU-a gatnaşyjylara maslahatlary we usuly kömegi berýär;

7) PEMU-nyň ulanylyşyna yzygiderli gözegçilik edýär we PEMU-nyň ulanylyşyny kämilleşdirýär;

8) PEMU-nyň ulanylmagynyň statistikasyny ýöredýär;

9) PEMU-nyň infrastrukturasyny ösdürmegiň taslamalaryny taýýarlaýar we durmuşa geçirýär;

10) PEMU-ny ornaşdyrmak we onuň işlemegine goldaw bermek maksady bilen, PEMU-a gatnaşyjylaryň işini utgaşdyrmak boýunça ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki wezipeleri we ygtyýarlyklary amala aşyrýar;

11) PEMU-da we onuň üsti bilen beriljek sanly hyzmatlarda döräp biljek maglumat we kiberhadysalary, gowşaklyklary ýüze çykarmak hem-de olaryň öňüni almak işleriniň döwrebap we kämil bolmagyny üpjün edýär;

12) PEMU-ny we oňa birikdiriljek maglumat ulgamlaryny Türkmenistanyň içerki aragatnaşyk torlarynda işledilmegini üpjün edýär;

13) PEMU-nyň daşary ýurt önümlerine baglylygyny peseltmek maksady bilen, ýerli hünärmenleriň gatnaşmagynda milli ulgamlaryň taslamalaryny taýýarlamak we olary durmuşa geçirmek boýunça degişli işleri alyp barýar;

14) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň işini dolandyrýar;

15) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň interfeýsiniň autentifikasiýasy, şahsy açara eýeçilik edýändigini tassyklamak bilen, TLS (Transport Layer Security) protokolynyň çäklerinde sertifikat arkaly amala aşyrylýar. Şahsy açar operator tarapynda saklanýar we açar sözi bilen goralýar;

16) aşakdakylar barada çözgüt kabul edýär:

a) PEMU-a gatnaşyjyny hasaba almak we PEMU-a birikdirmek barada;

b) aradan aýrylmaga degişli bolan ýagdaýlary görkezmek bilen, PEMU-a gatnaşyjy hökmünde hasaba almakdan ýüz döndermek barada.

9. PEMU-a gatnaşyjy:

1) öz maglumat ulgamlarynyň howpsuzlyk serwerlerini dolandyrýar;

2) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinden autentifikasiýa sertifikatyny, elektron sanly goluň sertifikatyny alýar;

3) PEMU-nyň howpsuzlyk serwerleriniň üsti bilen özara hyzmatdaşlyk etjek maglumat ulgamlaryny dolandyrýar;

4) maglumat ulgamlarynda we PEMU-nyň üsti bilen beriljek sanly hyzmatlarda döräp biljek kiberhadysalaryň, gowşaklyklaryň ýüze çykmagyny hem-de olaryň öňüni almak boýunça işleriň döwrebap we kämil bolmagyny üpjün edýär;

5) öz maglumat ulgamlary üçin adapterleri işläp düzýär;

6) şu Tertibe we Birkysmy şertnama laýyklykda maglumat ulgamlaryny PEMU-a birikdirýär;

7) maglumat ulgamlarynyň, maglumat ulgamlarynyň adapterleriniň we howpsuzlyk serwerleriniň gije-gündiziň dowamynda işlemegini üpjün edýär;

8) howpsuzlyk serwerlerinde öz maglumat ulgamlarynyň maglumatlaryna giriş ygtyýarlyklarynyň berilmegine jogapkär bolup durýar;

9) PEMU-nyň üsti bilen berilýän sanly hyzmatlaryň çäklerinde elektron resminamalary taýýarlaýar, iberýär, kabul edýär we olaryň üstünde işleýär;

10) maglumat ulgamlarynda bar bolan maglumatlaryň dolulygyny we dogrulygyny üpjün edýär;

11) elektron resminamalary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ulanýar;

12) PEMU-nyň kadaly işlemegini üpjün etmegiň çäklerinde Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

## III bap. PEMU-a birikmek, Sanawda hasaba almak we Sanawdan çykarmak

10. PEMU-nyň üsti bilen elektron resminamalaryň alşylmagyny üpjün etmek üçin ýüz tutujy PEMU-a birikdirmek barada PEMU-nyň operatoryna ýazmaça ýüz tutýar.

11. PEMU-nyň operatory maglumat ulgamyny we howpsuzlyk serwerini hasaba almazdan öň ýüz tutujy hakyndaky, onuň maglumat ulgamy we berilýän sanly hyzmatlar baradaky maglumatlaryň şu Tertibe hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýykdygyny barlaýar we taýýarlygyna baha berýär. PEMU-a birikdirmek baradaky ýüztutma onuň berlen gününden başlap, on iş gününiň dowamynda seredilýär.

12. PEMU-a birikmek üçin PEMU-a ýüz tutujy aşakdakylara borçludyr:

1) öz maglumat ulgamyny hem-de sanly hyzmatlary döredilen ýagdaýynda Sanawda hasaba aldyrmaga;

2) howpsuzlyk serwerini gurnamaga, maglumat ulgamynyň adapterini, ýerli monitoring merkezini döretmäge hem-de olaryň howpsuz we bökdençsiz işlemegini üpjün etmäge;

3) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran 135-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakyndaky

Düzgünnama laýyklykda log-ýazgylarynyň ýöredilmegini we saklanmagyny üpjün etmäge, öz maglumat ulgamyna girişe ygtyýary bolan wekilleri kesgitlemäge;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda elektron resminamalaryň üç ýyl möhlet bilen saklanmagyny, elektron resminamalar hemişelik saklanmagy üçin kabul edilende, olaryň hakykydygynyň anyklanmagyny üpjün etmäge;

5) öz maglumat ulgamyna we maglumatyň goralmagyna degişlilikde gerekli howpsuzlyk çäreleriniň ulanylmagyny üpjün etmäge;

6) PEMU-nyň operatoryna sanly hyzmaty etmekde ýüze çykan bökdençlikler barada öz maglumat ulgamyndaky meýilnamalaýyn we öňüni alyş işleri barada gaýragoýulmasyz habar bermäge;

7) PEMU-nyň üsti bilen sanly hyzmatlara talapnamalary bermek hukugy bolan ygtyýarly wekilleri kesgitlemäge.

13. PEMU-a birikdirmek baradaky ýüztutmada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

1) PEMU-a birikdirmek barada ýüzlenýän edaranyň ady, salgysy;

2) maglumat ulgamynyň ýöredilmegi we dolandyrylmagy üçin jogapkärçilik çekýän PEMU-a gatnaşyjynyň ygtyýary bolan wekilleriniň ady, atasynyň ady, familiýasy, wezipesi, telefon belgisi, elektron poçta salgysy.

14. Ýüz tutujynyň maglumat ulgamynyň we howpsuzlyk serweriniň şu Tertibiň on üçünji böleginde görkezilen PEMU-a birikdirmek üçin tehniki talaplara, şeýle hem Türkmenistanyň elektron hökümeti we kiberhowpsuzlyk hakyndaky kanunçylygyna laýyk gelmedik ýagdaýynda, PEMU-nyň operatory PEMU-a birikdirmekden ýüz dönderýär we ýüz tutuja birikdirmekden ýüz döndermek baradaky çözgüdine şikaýat etmegiň tertibini düşündirip, birikdirmekden ýüz döndermek üçin esas bolan sebäpleri aradan aýyrmagyň zerurdygy barada habar berýär.

PEMU-a birikdirmekden ýüz döndermek üçin esas bolan sebäpler aradan aýrylandan soň, ýüz tutujy PEMU-a birikdirmek barada PEMU-nyň operatoryna ýüztutmany täzeden berip biler.

15. Ýüz tutujynyň maglumat ulgamy we howpsuzlyk serweri şu Tertibiň we Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýan PEMU-a birikdirmek üçin tehniki talaplara, şeýle hem Türkmenistanyň elektron hökümeti we kiberhowpsuzlyk hakyndaky kanunçylygyna laýyk gelen ýagdaýynda, PEMU-nyň operatory ýüz tutujy bilen Birkysmy şertnama baglaşýarlar.

16. Ýüz tutujynyň maglumat ulgamy we howpsuzlyk serweri şu Tertibiň talaplaryna laýyk getirilenden soň, PEMU-nyň operatory tarapyndan PEMU-a birikdirmäge we Sanawda hasaba alynmaga taýýar diýip hasap edilýär.

17. Birkysmy şertnama baglaşylandan soň, PEMU-nyň operatory PEMU-a gatnaşyjynyň maglumat ulgamyny we howpsuzlyk serwerini hasaba alýar.

18. PEMU-a ýüz tutujynyň maglumat ulgamy we howpsuzlyk serweri Sanawda hasaba alnan we PEMU-a birikdirilen ýagdaýynda, PEMU-a gatnaşyjy:

1) öz howpsuzlyk serwerinde autentifikasiýa sertifikatynyň, elektron sanly goluň sertifikatynyň elektron sanly golunyň açyk we şahsy açarlaryny döredýär;

2) PEMU-nyň operatoryna autentifikasiýa sertifikatynyň, elektron sanly goluň sertifikatynyň elektron sanly golunyň açyk açarlaryny berýär;

3) PEMU-nyň operatory tarapyndan elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinde döredilen öz howpsuzlyk serweriniň autentifikasiýa sertifikatyny we elektron sanly goluň sertifikatyny alýar.

19. PEMU-nyň operatory PEMU-a gatnaşyjynyň autentifikasiýa sertifikatynda, howpsuzlyk serwerindäki elektron sanly goluň sertifikatynda görkezilen maglumatlary barlaýar we hasaba alýar.

20. PEMU-nyň düzüm bölekleriniň programma üpjünçiliginiň we PEMU-ny ulanyjynyň interfeýsiniň ulanylmagy üçin töleg alynmaýar.

21. Şu aşakdaky ýagdaýlarda PEMU-nyň operatory PEMU-a gatnaşyjyny Sanawdan çykarýar:

1) PEMU-a gatnaşyjynyň we (ýa-da) onuň ygtyýarly bolan wekiliniň ýa-da onuň maglumat ulgamy şu Tertipde beýan edilen talaplara laýyk gelmedik ýagdaýynda;

2) PEMU-a gatnaşyjy Birkysmy şertnamanyň, Birkysmy ylalaşygyň şertlerini bozan ýagdaýynda;

3) PEMU-a gatnaşyjy PEMU-nyň üsti bilen edilen hyzmatlardan jogapkärçiliksiz peýdalanan ýagdaýynda;

4) PEMU-a gatnaşyjynyň öz howpsuzlyk serwerindäki autentifikasiýa we elektron sanly goluň şahsy açarlary ýitirilen ýa-da aýan edilen ýagdaýynda.

## IV bap. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi

22. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň işini üpjün etmek üçin şu aşakdakylar ýerine ýetirilýär:

1) elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň özi tarapyndan berilýän autentifikasiýa sertifikatyny, elektron sanly goluň sertifikatyny tassyklaýan özüne degişli elektron sanly goluň açyk açary üçin sertifikaty bolmalydyr;

2) PEMU-a gatnaşyjynyň PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň autentifikasiýa sertifikatynyň, elektron sanly goluň sertifikatynyň hakykydygyny barlamak mümkinçiligi bolmalydyr;

3) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan hyzmatyň edilmegi şertnama esasynda amala aşyrylýar;

4) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinde kriptografik gorag serişdeleri Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda sertifikatlaşdyrylan elektron sanly goluň serişdeleriniň ulanylmagy hökmanydyr.

23. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi PEMU-nyň howpsuzlyk serwerleriniň birnäçesine hyzmat edip biler.

24. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi:

1) PEMU-nyň gatnaşyjylaryna:

a) ýüztutma boýunça autentifikasiýa sertifikatyny we elektron sanly goluň sertifikatyny döredýär;

b) elektron sanly goluň şahsy açarlaryny bikanun elýeterlilikden goramak boýunça çäreleri görýär;

ç) sertifikatlary berýär, bellige alýar we ýatyrýar;

d) elektron sanly goluň açyk açarynyň bellenen tertipde berlen sertifikatlarynyň sanawyny ýöredýär, onuň öz wagtynda täzelenmegini we oňa erkin elýeterlilik mümkinçiligini üpjün edýär;

e) hereket edýän we ýatyrylan sertifikatlary hasaba alýar;

ä) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan elektron sanly goluň bellige alnan açyk açarynyň degişliligini we hakykydygyny tassyklaýar;

f) PEMU-nyň gatnaşyjylarynyň ýüztutmalary boýunça sertifikatlaryň nusgalarynyň berilmegini, şeýle hem ýatyrylan sertifikatlar baradaky maglumatlara erkin elýeterliligi üpjün edýär;

g) sertifikatdan mundan beýläk peýdalanmak mümkinçiligine täsir edip biljek ýagdaýlar barada elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesine habar berýär;

h) elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýelerine elektron sanly goldan peýdalanmagyň kadalarynyň öwredilmegini üpjün edýär;

i) elektron sanly gol ulgamynyň howpsuz işlemegini üpjün edýär;

j) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda elektron resminama we elektron resminama dolanyşygy babatda beýleki wezipeleri amala aşyrýar;

2) elektron sanly goluň saklanyşda durýan açyk açarlarynyň ýitirilmeginiň, üýtgedilmeginiň we galplaşdyrylmagynyň öňüni almak üçin zerur çäreleri görmäge borçludyr;

3) maglumaty goraýjy kriptografik serişdeleri üpjün etmek we işe girizmek babatynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda milli howpsuzlyk çygrynda ygtyýarly edaralar bilen ylalaşmalydyr;

4) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinde elektron sanly goluň eýeleriniň şahsy açarlaryny saklamak we olar bilen tanyşdyrmak gadagandyr;

5) degişli sertifikaty bermek arkaly elektron sanly goluň anyk şahsy açarynyň we elektron sanly goluň oňa laýyk gelýän açyk açarynyň anyk peýdalanyja degişlidigini (sertifikatyň berlen pursatynda) tassyklaýar;

6) sertifikat berlende, şu aşakdakylary kepillendirýär:

a) sertifikatdaky maglumatlaryň dogrudygyny;

b) sertifikatda onuň ygtybarlylygy üçin möhüm bolan «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan ähli maglumatlaryň bolmagyny ýa-da şeýle maglumatlaryň sertifikata salgylanma görnüşinde girizilmegini;

ç) elektron sanly goluň açyk açarynyň eýesi tarapyndan bu sertifikatyň kabul edilmegini;

d) sertifikat berlende elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesi tarapyndan tassyklanan elektron sanly goluň şahsy açarynyň elektron sanly goluň açyk açaryna laýykdygyny;

e) sertifikatyň eýesi hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli maglumatlaryň PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinde bolmagyny;

ä) sertifikatlary ýatyrmak we täzelemek baradaky ýüz tutmalaryň kabul edilmeginiň üpjün edilmegini;

f) hereket edýän we ýatyrylan sertifikatlaryň elektron sanawynyň ýöredilmegini;

g) umumy elýeterli telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň üsti bilen PEMU-nyň gatnaşyjylarynyň sertifikatlara gije-gündiz elýeterliliginiň üpjün edilmegini;

h) döredilen sertifikatlaryň degişli resminamalaryny kagyz görnüşinde Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan möhletiň dowamynda saklanmagyny üpjün etmegi;

i) elektron sanly gol bilen baglanyşykly meseleler boýunça maslahatlaryň berilmegini;

7) elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň ýa-da elektron sanly goluň açyk açaryndan peýdalanyjynyň talap etmegi boýunça PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesi tarapyndan gol çekilen elektron maglumatlary wagt möhüri bilen üpjün etmäge we elektron sanly goluň hakykydygyny barlamaga borçludyr;

8) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi sertifikatyň eýesi hakyndaky maglumatlary, autentifikasiýa sertifikatyny, elektron sanly goluň sertifikatyny Sanawyna girizmäge we bu Sanawa çäklendirilmedik elýeterliligi üpjün etmäge borçludyr. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi bu Sanawyň ýöredilmegini özbaşdak amala aşyrýar;

9) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi PEMU-nyň gatnaşyjysyna elektron sanly goluň açyk açarynyň elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesine degişlidigini tassyklamak mümkinçiligini bermäge borçludyr.

25. Eger PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi hem-de sertifikatyň eýesi başgaça ylalaşmasalar, onda sertifikat berlende, bu merkez sertifikaty kabul eden eýesiniň öňünde aşakdaky borçlary öz üstüne alýar:

1) sertifikatyň hereketini ýatyrmak üçin şu Tertibiň ýigrimi ýedinji böleginiň üçünji tesimine we ýigrimi sekizinji bölegine laýyklykda talabalaýyk hereket etmegi;

2) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezine mälim bolan, berlen sertifikatyň hukuk güýjüne düýpli ýagdaýda täsir edýän ähli ýagdaýlar barada 24 sagadyň dowamynda sertifikatyň eýesine habar bermegi.

26. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan berlen sertifikat kabul edilende, onuň eýesi aşakdaky borçlary öz üstüne alýar:

1) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan elektron sanly goluň açyk açaryndan peýdalanyja berilýän maglumatyň dogrudygyny kepillendirmegi;

2) elektron sanly goluň sertifikatda görkezilen açyk açaryna laýyk gelýän elektron sanly goluň şahsy açaryna kanuny ýagdaýda eýelik etmegi;

3) elektron sanly goluň şahsy açaryndan peýdalanylyşyna gözegçiligi üpjün etmegi we elektron sanly goly döretmäge ygtyýary bolmadyk haýsydyr bir şahsa açylmagynyň öňüni almagy.

Sertifikatyň kabul edilmegi onuň mazmuny bilen razylaşylandygyny aňladýar.

Eger-de sertifikatyň eýesi elektron sanly goluň sertifikatda görkezilen açyk açaryna laýyk gelýän elektron sanly goluň şahsy açaryna elýeterlilik düzgüni bozulandyr diýip çak etse, PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinden sertifikatyň ýatyrylmagyny talap etmäge haklydyr.

Elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz howpsuzlyk serwerlerinde ulanylýan autentifikasiýa we elektron sanly goluň şahsy açarlaryny goragly saklamaga borçludyr.

27. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi sertifikatyň eýesi tarapyndan berlen resminamalardaky özi baradaky şahsy maglumatlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralmagyny üpjün edýär.

Görkezilen şahsy maglumatlar elektron sanly goluň açyk açarynyň sertifikatlarynyň Sanawyna girizilmeýär.

PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkeziniň sertifikaty bermegiň maksatlaryna laýyk gelmeýän şahsy maglumatlary talap etmäge haky ýokdur.

PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi tarapyndan sertifikatyň eýeleriniň şahsy maglumatlarynyň açylmagyna diňe olaryň razyçylygy bilen ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda hukuk goraýjy edaralaryň talap etmegi boýunça ýol berilýär.

28. PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi sertifikat babatda şu Tertibiň talaplaryny ýerine ýetirse, onuň eýesiniň hakyky bolmadyk ýa-da galp elektron sanly gola bolan ynamynyň netijesinde çekilen ýitgiler üçin jogapkärçilik çekmeýär.

29. Sertifikatyň ýatyrylmagy:

1) sertifikaty beren PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi elektron sanly goluň açyk açarynyň onda görkezilen eýesiniň ýa-da sertifikatyny ýatyrmaga hukugy bolan ygtyýarly wekiliniň talap etmegi boýunça sertifikaty ýatyrmaga borçludyr;

2) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi sertifikatyň eýesiniň ýazmaça ýüz tutmasyny ýa-da kazyýetiň kararyny alandan soň, bir iş gününiň dowamynda sertifikaty ýatyrýar;

3) şu aşakdaky ýagdaýlarda PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi autentifikasiýa sertifikatynda, elektron sanly goluň sertifikatynda görkezilen eýesiniň razyçylygyna garamazdan, sertifikaty ýatyrmaga borçludyr:

a) sertifikatyň eýesiniň üýtgedip guralmagyny ýa-da ýatyrylmagyny tassyklaýan resminamalary ýa-da onuň üýtgedilip guralmak ýa-da ýatyrylmak ýagdaýynyň beýleki subutnamalaryny alsa;

b) sertifikatyň möhleti dolsa;

ç) şu Tertibiň ýigrimi ýedinji böleginde göz öňünde tutulan borçlaryň sertifikatyň eýesi tarapyndan ýerine ýetirilmändigini ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmändigini anyklasa.

4) sertifikatyň hereketiniň ýatyrylmagy güýje girenden soň, PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezi howpsuzlyk serweriniň elektron sanly goluň açyk açarynyň sertifikatynda görkezilen eýesine bu barada haýal etmän habar bermäge borçludyr.

## V bap. PEMU-nyň düzüm bölekleri

30. PEMU-nyň merkezi düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1) PEMU-nyň operatorynyň hasaba alyş serwerinden;

2) PEMU-nyň operatorynyň howpsuzlyk serwerinden;

3) monitoring merkezinden;

4) PEMU-nyň elektron sanly goly bellige alyş we tassyklaýyş merkezinden.

31. PEMU-nyň operatorynyň hasaba alyş serweri PEMU-a gatnaşyjynyň howpsuzlyk serwerine gerekli PEMU-a gatnaşyjynyň – sanly hyzmatlary üpjün edijiniň howpsuzlyk serweriniň salgysyny berýär we PEMU-a gatnaşyjylaryň autentifikasiýa sertifikatlary barada maglumaty geçirýär.

32. Monitoring merkezi howpsuzlyk serwerleriniň ýagdaýyna yzygiderli syn edýär we PEMU-nyň ulanylmagynyň statistikasyny jemleýär. Monitoring merkeziniň PEMU-nyň üsti bilen geçýän maglumatlara giriş ygtyýary ýok.

33. PEMU-nyň operatory PEMU-a gatnaşyjylaryň autentifikasiýa sertifikatlaryny we elektron sanly goluň sertifikatlaryny hasaba almagy amala aşyrýar.

34. PEMU-nyň düzüm bölekleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1) PEMU-a gatnaşyjylaryň howpsuzlyk serwerlerinden;

2) PEMU-a gatnaşyjynyň ýerli monitoring merkezlerinden;

3) PEMU-nyň merkezi düzüm böleklerinden.

35. PEMU-a gatnaşyjylaryň howpsuzlyk serwerleri aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1) geçirilýän maglumaty şifrlendirýär we deşifrlendirýär;

2) log-ýazgylary düzýär we saklaýar;

3) PEMU-a gatnaşyjynyň hyzmatlaryndan peýdalanýan ulanyjynyň giriş ygtyýaryny barlaýar, autentifikasiýa sertifikatyny hem-de elektron sanly goluň sertifikatyny dolandyrýar;

4) PEMU-a gatnaşyjynyň hyzmatlardan peýdalanmak üçin ulanyjynyň giriş ygtyýary bolmadyk ýagdaýynda, maglumat ulgamyna girmäge mümkinçilik bermeýär;

5) PEMU-a gatnaşyjynyň maglumat ulgamynyň maglumatyny (elektron resminamasyny) kriptografik serişdeler bilen goralan ýollar arkaly edilýän hyzmatlaryň çäklerinde başga bir PEMU-a gatnaşyja geçirýär.

36. Ýerli monitoring merkezinde PEMU-a gatnaşyjynyň howpsuzlyk serweriniň üsti bilen geçýän maglumatlara giriş ygtyýary ýok. PEMU-a gatnaşyjy ýerli monitoring merkezini ulanmaga borçly däldir.

37. PEMU-a gatnaşyjy autentifikasiýa we ulanyjylary barabarlandyrymak üçin gurallary bolan PEMU-ny ulanyjynyň standart interfeýsini ulanmaga hukuklydyr. PEMU-nyň hyzmatlary PEMU-ny ulanyjynyň şeýle interfeýsiniň üsti bilen ulanylyp bilner.

38. Maglumat ulgamynda ýa-da ulgamlarynda parallel işleýän birnäçe howpsuzlyk serwerleri bolup biler.

## VI bap. PEMU-nyň operatory tarapyndan bellenýän tehniki we maglumatlary goramak babatdaky talaplar

39. PEMU-nyň operatory tarapyndan şu Tertibiň on bäşinji böleginde bellenen PEMU-a birikdirmek üçin tehniki talaplara laýyklykda, berlen autentifikasiýa sertifikaty bilen üpjün edilen howpsuzlyk serweriniň üsti bilen ulanylýar. Bu serwerde resminamalary we maglumatlaryň alyş-çalşy şifrlendirilýär we oňa PEMU-a gatnaşyjynyň elektron sanly golunyň sertifikaty bilen goly çekilýär, şeýle hem onuň hakykydygyny we bütewiligini üpjün etmek maksady bilen, oňa kriptografik birleşdirilen log-ýazgy berilýär.

40. PEMU-a birikdirilen PEMU-a gatnaşyjynyň Howpsuzlyk serweriniň we oňa bagly maglumat ulgamlarynyň işjeňligini üpjün etmek üçin aşakdaky kadalar işlenip düzülmelidir we berjaý edilmelidir:

1) howpsuzlyk serweriniň sazlamalarynyň, sertifikatlaryň we açarlaryň dolandyrylyşynyň, şeýle hem täze hyzmatlaryň goşulmagynyň jikme-jik gözükdirmesi;

2) howpsuzlyk serweri işläp başlan badyna ýa-da näsazlyk ýüze çykanda, ulgamyň işini dikeltmek üçin jogapkär administratorlaryň hereket tertibi we tehniki goldaw bilen aragatnaşyk saklamagyň düzgünleri.

41. PEMU-a gatnaşyjynyň PEMU-da ulanylýan enjamlaryň we maglumatlaryň fiziki howpsuzlygy şu talaplara laýyk gelmelidir:

1) howpsuzlyk serweri we oňa birikdirilen maglumat ulgamlary diňe awtorizasiýa geçen işgärleriň girip bilýän, fiziki taýdan goralan otaglarda ýerleşdirilmelidir;

2) elektron sanly goly döretmek üçin ulanylýan ýapyk açarlaryň we tokenleriň fiziki taýdan ogurlanmakdan ýa-da rugsat berilmedik nusga almakdan goralmagy üpjün edilmelidir;

3) howpsuzlyk serwerinde ulanylan we hatardan çykan gaty diskler ýa-da kriptografik tokenler çalşyrylanda, olardaky maglumatlar dikeldip bolmajak derejede fiziki usulda ýok edilmelidir.

42. PEMU-a gatnaşyjy PEMU arkaly geçirilýän maglumatlaryň bitewüligini saklamak üçin:

1) howpsuzlyk serweriniň operasion ulgamyna diňe PEMU-nyň işlemegi üçin zerur bolan minimal programma üpjünçiligi gurnalmalydyr;

2) serwere birikdirilen beýleki içerki ulgamlardan ýa-da administratorlaryň iş stansiýalaryndan zyýanly programmalaryň geçmeginiň öňüni alýan tor derejesindäki süzgüçler we barlag serişdeleri ulanylmalydyr;

3) howpsuzlyk serweriniň sazlamalarynda rugsat berilmedik üýtgeşmeleriň bolandygyny ýa-da bolmandygyny yzygiderli barlaýan ýerli monitoring ulgamy ornaşdyrylmalydyr.

43. PEMU-a gatnaşyjynyň maglumatlarynyň PEMU arkaly geçirilmeginde howpsuzlyk şu ýörelgelere esaslanmalydyr:

1) howpsuzlyk serwerleriniň arasyndaky ähli maglumat alyş-çalşygy hökmany ýagdaýda özara autentifikasiýa we güýçli şifrleme algoritmleri arkaly amala aşyrylmalydyr;

2) howpsuzlyk serwerine giriş diňe zerur portlar we IP (Internet protokol) salgylar arkaly Firewall (gorag enjamy) düzgünleri bilen çäklendirilmelidir;

3) ulanylýan sertifikatlaryň möhletine gözegçilik edilmelidir we olar wagtynda täzelenmelidir.

44. PEMU ulgamyna elýeterlilik şu kadalar esasynda dolandyrylmalydyr:

1) howpsuzlyk serweriniň dolandyryş web-interfeýsine we operasion ulgamyna edara tarapyndan kesgitlenen ygtyýarly ulanyjylar köp faktorly autentifikasiýa (şahsy sertifikatlar ýa-da tokenler) arkaly girip bilmelidir;

2) howpsuzlyk serwerine maglumat ugratmaga ýa-da kabul etmäge hukukly bolan içerki maglumat ulgamlary takyk kesgitlenmelidir we olaryň arasyndaky gatnaşyklar diňe zerurlyk esasynda açylmalydyr.

45. PEMU-nyň üsti bilen amala aşyrylýan maglumat alyş-çalşygynyň durnuklylygyny, maglumatlaryň ýitgisiniň öňüni almagy we hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün etmek maksady bilen, şu çäreler durmuşa geçirilmelidir:

1) howpsuzlyk serweriniň sazlamalarynyň, log-ýazgylarynyň we beýleki wajyp maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgalary günde azyndan bir gezek awtomatlaşdyrylan tertipde alynmalydyr. Alnan nusgalaryň dogrudygy we olardan maglumatlary dikeldip bolýandygy wagtly-wagtynda barlanmalydyr;

2) wajyp ähmiýetli maglumat ulgamlary üçin howpsuzlyk serwerleri ýeke-täk görnüşde däl-de, klaster görnüşinde gurnalmalydyr. Bu ulgam bir serwer hatardan çykan ýagdaýynda, beýleki serweriň awtomatik usulda işi özüne almagyny we maglumat alyş-çalşygynyň bökdençsiz dowam etdirilmegini üpjün etmelidir;

3) PEMU-nyň işiniň üznüksizligini berjaý etmek üçin fiziki aragatnaşyk kanallarynyň we serwer enjamlarynyň wajyp bölekleriniň (iýmitlendiriji bloklar, diskler) ätiýaç nusgalarynyň bolmagy üpjün edilmelidir;

4) ulgam doly hatardan çykan ýagdaýynda, ony ätiýaçlyk nusgalardan gaýtadan dikeltmegiň anyk tertibi we jogapkär şahslaryň hereket meýilnamasy resmileşdirilen bolmalydyr.

46. PEMU-a gatnaşyjy öz maglumat ulgamynyň howpsuzlygy üçin jogapkärçilik çekýär.

47. Elektron sanly goluň şahsy açarynyň eýesi elektron sanly goluň şahsy açaryny rugsatsyz peýdalanmak bilen, onuň göwnejaý goralmandygynyň netijesinde ýetirilen ýitgiler üçin elektron sanly goluň degişli açyk açarynyň peýdalanyjysynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

48. PEMU-da amala aşyrylýan hereketleriň log-ýazgylaryny saklamagy üpjün etmek üçin:

1) PEMU-nyň torunda geçýän ähli ýüzlenmeleriň log-ýazgylary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möhletleriň dowamynda saklanmalydyr;

2) administratorlaryň serweriň sazlamalaryna girizen üýtgetmeleri, ulgama giriş synanyşyklary we ýüze çykan tehniki näsazlyklar aýratyn audit loglarynda hasaba alynmalydyr;

3) log-ýazgylarynyň bitewüligi bozulmaz ýaly, olar ýöriteleşdirilen daşky log-serwerlere iberilmelidir we şol ýerde azyndan 1 (bir) ýyl möhlet bilen goralyp saklanmalydyr.

49. PEMU-a gatnaşyjy maglumaty birugsat aralaşmakdan, ýok etmekden, şekilini üýtgetmekden, gabamakdan, nusgasyny göçürmekden, bermekden we ýaýratmakdan, şeýle hem maglumat babatynda beýleki bikanun hereketlerden goramagy üpjün etmelidir.

50. PEMU-a gatnaşyjy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen ýagdaýlarda şulary üpjün etmäge borçludyr:

1) maglumatlara ygtyýarsyz aralaşmagyň we maglumatlara ygtyýarlyk hukugy bolmadyk şahslara berilmeginiň öňüni almaga;

2) maglumatlara ygtyýarsyz elýeterlilik hadysalarynyň bolandygyny öz wagtynda ýüze çykarmaga;

3) maglumat ygtyýarlygynyň tertibiniň bozulmagynyň ýaramaz netijelerini duýdurmaga;

4) maglumaty gaýtadan işleýän tehniki serişdeleriň iş hereketleriniň bozulmagyna getirýän täsir etmelere ýol bermezlige;

5) maglumatlara ygtyýarsyz elýeterligiň netijesinde üýtgedilen ýa-da ýok edilen maglumatlary bada-bat dikeltmäge;

6) maglumatyň goraglylyk derejesiniň üpjün edilmegine hemişelik gözegçiligi amala aşyrmaga;

7) telekommunikasiýa ulgamlarynyň ulanylmagy göz öňünde tutulýan işler taslamalaşdyrylyp başlanan pursatyndan kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça çäreleri berjaý etmäge;

8) kiberhüjümleri ýüze çykarýan, olaryň öňüni alýan we netijelerini aradan aýyrýan ulgamlary ornaşdyrmaga;

9) PEMU-nyň operatory hem kiberhowpsuzlyk babatynda ygtyýarly edara bilen utgaşykly işleri alyp barmaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tehniki we maglumatlary goramak babatyndaky talaplary we oňa degişli bolan çäreleri ýerine ýetirmäge.

## VII bap. Jemleýji düzgünler

51. Eger elektron resminamalaryň alynmagy sanly hyzmatlar ýerine ýetirilende we döwlet edaralarynyň öz wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin zerur bolsa, şol elektron resminamalary öz içine alýan maglumat ulgamlary PEMU-a birikdirilmäge degişlidir.

52. PEMU-nyň üsti bilen alyş-çalyş edilýän elektron resminamalaryň göwrümi we düzümi PEMU-a gatnaşyjynyň zerurlyklaryna laýyklykda kesgitlenýär we PEMU-a gatnaşyjylaryň arasynda baglaşylýan özara Birkysmy ylalaşykda görkezilýär.

53. Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamynda elektron resminamalary pudagara alyşmak hakynda Birkysmy ylalaşygyň hem-de Pudagara elektron maglumat alyş-çalşygy ulgamynyň gatnaşyjysynyň arasyndaky Birkysmy şertnamanyň görnüşleri Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

54. PEMU bilen baglanyşykly çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän döwlet edaralary üçin döwlet býujetinde göz öňünde tutulan serişdeleriň hem-de býujetden daşary serişdeleriň, hojalyk hasaplaşygyndaky edaralaryň öz serişdeleriniň, çekilen serişdeleriň hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär.

55. Şu Tertibiň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilige eltýär.